# Gurbaga bilen Öküz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Gurbaga bilen Öküz GURBAGA BILEN ÖKÜZ

Öleňlikde Öküz gören Gurbaga
Synandy öküz deý uly bolmaga,
Çünki ol bäsdeşdi her görenine –
Çişýär ol ine:
«Seret, jora, öküz deý boldummy men?»
«Ýok – diýdi gurlawuk – entekler daş sen.»
«Ýene bir bak, indi şeýle çişeýin,
Derrew borun öküz deýin.»
«Ýok, araňyz örän daş.»
«Indi neneň?» – «Heniz hem öňkiň, ýoldaş.»
Ýene haşlap,
Çişip başlap,
Öküz deýin bolmaga,
Çişip durka, ýaryldy-da, öldi şonda Gurbaga.

Iwan KRYLOW.

Terjime eden Rehmet SEÝIDOW. Goşgular